# Aýdarhanyň ýaýdarhany / hekaýa

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler,Taryhy proza,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aýdarhanyň ýaýdarhany / hekaýa AÝDARHANYÑ ÝAÝDARHANY



…Ýaýyň tarynyň üzüljekdigini öňünden syzdy…
Bäsleşýänler tomaşaçylardan ep-esli daşlykdady. Şonda-da, goja ýaýdarhan agtygynyň golundaky kemanyň kirşi işilen syýyn siňriniň süýümleriniň “jyt-jyt” edip bir-birden gyrylýandygyny gulagy bilenem däl-de, ýüregi bilen eşitdi. Agtygyndan herniçe kineli bolsa-da, şu pursat onuň bäsleşikde ýeňiljekdigine, hasam öz ýasan ýaýy zerarly asgyn geljekdigine çyny bilen gyýyldy. Özem duýman pyşyrdap, ömriboýy hemaýat edinip gelen penakärlerine ýalbaryp başlady:
“Ýa ýaý hojasy Keýmür ata, senden medet! Tar hojasy Kiriş beg, peýkam eýesi Ötgür hoja, nyşan hojasy Maýaç baba, maşak eýesi

Guruç baba, sizden medet! Ýa kuwwat hojasy Güýç ata, balamyň balasynyň eli gaýtmasyn, çenäni sowa ötmesin! Sizden medet!”…
…Agzyny müňküldedip sessiz pyşyrdap oturşyna, durky-düýrmegi bilen göze öwrülen goja ýaýdarhan, altyngabak atýanlara ýüpsüz örklenip galdy.
Bozoglaryň bäsleşigininiň ahyrky tapgyry.
Oguz ilininiň Göktürkmen budunynyň Gutlug aýmagynyň agöýlülerininiň içinden saýlanyp çykan iki mergen.
Has takygy, entek mergen däl-de, mergenlik adyna dalaş edýän iki sany ýigdekçe.
Haýsy ýeňse, şol hem bekewül atanyň elinden goşganat tuwulgany alyp, başyna geýmek bagtyna mynasyp bolar.
Şol hem mundan beýläk bozog däl-de, mergen bolar, agalarydyr-kakalary bilen söweş sapynda deň durup, islendik ýagy bilen döwüşmäge ýaran är diýlip ykrar ediler.
Iki sany dünýe.
Atgaýtarymda sabyrsyzlyk bilen horguryşýan gunanlarda ikisem doňňara-daş bolup durlar.
Ikisiniňem gözi adamboýy sütünleriň çür başynda berkidilen, gyzylymtyl-sary goçak kädilerde. Al tunuň reňkinde lowurdaýan kädileriň bäsleşýänlere güberilip bakýan böwri, hakykatdanam äpet gözüň üstüni örtüp, pökgerip duran altyn gabaklara çalym edýär.
-Gaýt!-diýen ses ýaňlanan dessine, bozoglaryň ikisem bir wagtda atyny debisgiledi. Çus duran düşbi janawerler, göýä, iň bolmanda ýekeje pursatlygam bolsa çapyksuwarlaryna artykmaçlyk gazanmaga dyzaýan dek, ok bolup öňe atyldylar.
Goja ýaýdarhan atmaga häzirlenen ýaýyň kirşine dönüp, on iki süňňi bilen dartyldy. Daş-töweregiň goh-galmagalyny eşitmesini goýup, içinden sanap başlady.
Bir, iki, üç,…alty, ýedi!
Şu wagt!
Bol!
Ol tasdanam gygyrýardy. Dodagyny jebis ýumup, zordan saklandy. Emma, bäsleşýänlere onuň duýduryşy derkar bolmady. Olaryň özi gunanlaryň kellesi okatar çyzyga ýeten dessine, ikisem bir wagtda diýen ýaly üzeňňide dikeldiler. Dikelen batlaryna-da gözeilmez çaltlykda olaryň ellerinde sol billerindäki sagdakdan sogrulan düzme ýaý peýda boldy. Bada-badam ýaýyň kirşini dartanlarynda, billeriniň sagynda kemere iltelen gormandan sogrulan bir okuň gezi, eýýäm ýaýyň taryna

ildirilgidi. Bozoglaryň ikisem, guruç maşakly ikinji peýkamy keseligine dişlerinde, ýene-de birinem ýaýyň tozuny gysymlaýan aýasynda saklaýardylar.
Bozoglar kirşi deň sypdyrdylar. Söýüşdükçi oklar iniňi tikeneklediji “şuwwuldy” bilen atyldy-da, göz açyp-ýumasy salymda her haýsy öz altyngabagynyň merkezine sanjyldy. Birinji ok asmandaka-da ikinji ok atyldy.
Agtygynyň elindäki ýaýyň tarynyň üzülmeziniň bir dem öňünden, onuň eýýäm içiniň gyrlandygyny goja ýaýdarhan duýdy. Ol, kükreginde nähilidir birhili inçejik damaryň ýolum-ýolum ýolunýandygyny durky bilen syzyp durşuna, döşünde emele gelen ýiti sanja çydaman, gözlerini ýumdy.
-Üzüldi!-diýip, diňe özüne eşidiler ýaly pessaý pyşyrdanda-da, bäsleşýänler üçünji okuň gezini tara mündürdiler. Emma, üçünji okuň sykylygy jüp çykmady. Ýalňyz “şuwwuldy” howany böwüsdi-de, ýakyn aralyk hasap edilýän ýüz elli ädimden sypdyrylandygy sebäpli, ýaprak başakly peýkam, özüniň baryp degen ullakan daşkädisini pytradyp geçdi ötägitdi.
Dartanda ýaýynyň tary şarpa üzülen çapyksuwar bolsa, oslagsyzlykdan ýaňa, tasdanam gunanyň üstaşyr tüwdürilip gidýärdi. Zordan saklandy.
Bäsleşik tamamlandy.
Ýeňiji belli edildi.
Jygba-jyg pursatda, ha ýaragyň asgynlasyn, ha özüň ejizle, ha atyň tamaňy ödemesin…
Tapawudy ýok.
Täk-tenha özüň günäkär.
Börüleriň kanuny şeýle.
Asgyna aw ýok.
Böri süýdüni emip ulalan göktürkmenleriň ýazylmadyk töresem şunuň ýaly.
Esbabyňa idi-yssywat edip bilmediňmi?
Özüňden gör!
Seniň ornuň duşmana döş gerýän ärleriň sapynda däl-de, aýakda ýa-da sülsatda…
Goja ýaýdarhan sesini çykarman ýerinden turdy. Bäsleşigiň tamamlanaryna, bekewül atanyň Gutlug aýmagynyň naýbaşy urugy bolan Aýdarhan soýunyň täze mergenine goşganat tuwulgany gowşuraryna-da garaşmady. Syr bermezlik üçin ýüzüni daş asylana dönderip, öýüne ýöneldi.
Tokaýy etekläp oturan giň sähranyň bolsa, bu mahal gykylyk-

gowury ýetik.
Ýüzi ýaňy dürterip ugran näzijek ýaşyl otdan ýapynja bilen örtülen boz sähra, seleňläp ýatyr.
Ýygaçlarynyň başy asman direýän gadymy tokaý, alabaharyň sergin şemalyna gojaman dünýäniň ýaradylyşy hakda hiňlenýäne çalymdaş, ygşyldap-gelesleýär.
Hol allaowarradan, Gök Deňriniň söýen ynsanlary, külli oguz iliniň gam atalarynyň mekany – mukaddes köwli Atakent dagy hellewläp görünýär.
Ebedi Gök Taňry hakanyň öz gardaşy – Ýerlik lakamly Gara Aňry han bilen darkaş gurup, janly-jandarlary ýaradyşynyň şaýady bolan goja jeňňeliň eteginde, bu gün oguz-türkmen iliniň Gutlug aýmagynyň bäş tiresiniň agyr jemagaty, Gara suw Koýy ýylyny ugradyp, Ýaşyl ýygaç Bijini ýylynyň Ýaş gününiň toýuny toýlaýar.
Sähranyň gündogar tarapynda Gök Taňry hakanyň ojagy dikilen belent Gökdepäniň töweregi-de, günorta tarapdaky Asman kaganynyň Kadyny Humaý enäniň şanyna alaw ýakylan Akdepäniň çar ýany-da, bezenip-beslenen ýaş-ýeleňlerden, bala-çagalardan, aýal-ebtatlardan hümer.
Degenek ýigitler topar tutup “owlakgapdy” oýnaýarlar. At üstünde bil dartyşyp, garpyşýarlar. Düýp babamyz Oguz han atanyň döwründen gaýdan asylly ýaragyň bäşisinde – naýzada, gylyçda, çokmarda, aýpaltada, ok-ýaýda bäsleşik gurap, eýerde ýa-da pyýada, dönüp-dönüp ýekme-ýek garpyşýarlar. Bir-biri bilen güýç synaşyp, Alp gelin – Bahadyr gelin Darkaş hatynyň göwnüni şat eýleýärler.
Naýzadarlar altmyş tutamlyk ala gönderlerini sanjyşyp, birew-birewe ujy kütek türgenleşik jyzalaryny parladýarlar.
Çokmardarlar syhsyz serdesse ýa-da çokmar bilen birek-biregiň galkanyna “gürp-de-gürp” urýarlar.
Gylyçdarlaryň golunda, tygy mawy tolkunly jöwher gylyçlar jadylaýjy raksy oýnap, ýyldyrym deýin süýnýär…Gylyçlar welin, hakyky söweş tyglary. Çünki şeýdilse, asylzada ýaraglaryň arasynda-da begzadasy bolan hakyky gylyç, hatda bäsleşikde ulanylanda-da seresaplylygy hem çeýeligi endik etdirmäge hyzmat edýär.
Tötänlikde tene tyg galtaşyp, gyltyz ýara düşäýse-de, hiç.
Heýem bir, ömründe çeýnelmedikden, gapana düşmedikden gurt çykarmy?!
Gan çykan ten bitenden soň berkeýär.

Munuň şeýledigine oguz-türkmen ilinde belet däl bozogam ýok, ärem. Ýara yzy bolsa kişi ogullaryny diňe bezeýär…
Paltadarlar aýpaltalaryny gollarynda oýnadyp, ortada söweş nagşyny çekýärler.
Nyşanalara harpyk paltaçalar zyňylýar, pişmepisint, gyýçak golalar seçilýär, degen ýerini parsa böwüsýän balyk gamalar oklanylýar.
Alty tutamlyk kelte ýaýdan üç ýelekli dokuz tutamlyk gaýym oklar nyşana urulýar. On dört tutamlyk uzyn ýaýdan tur ýa-da ýekegapan awlamaga niýetlenen on iki tutam oklar atylýar…
…Degenekleriň hemmesiniňem maksady, gutlug kowumynyň beglerine, öz atalarydyr-agalaryna, eneleridir-uýalaryna, iň esasy zadam, ýere bir bölek ýaşylbaş gonan dek, kowçum-kowçum bolup duran, gyzyl-çog geýnüwli gyzlara özleriniň edermenligini, atarman-çaparman çalasynlygyny sereşläp görkezmek…
Işekçer jahyllar göreş tutýar, ýaglyga towusýar, tanap dartýar, ylgaşmakda ýaryşýar, at üstünde oýun görkezýärler.
Gögele oglan-gyzlar hatar tutup, “aýterek-günterek” oýnaýar.
Serwi gyzlar läle kakýar. Göreşýänlere-de, bäsleşýänlere-de ýürekleri parran deşýän, pynhandan-pynhan bakyşlary, edil saryja ýaýdan ok atan ýaly gözeilmez çaltlykda gabak astyndan atyberip goýberýärler. Arasynda-da, ebeteýsizler-ä utanar ýaly, çulumlaram döş gaýşardyp çişer ýaly, öz aralarynda gaş kakyşyp, syrlyja-matallyja gülümsireşýärler.
Has ownuk tokarjalardyr-gulpaklyjalar bolsa, şana berlen käkilleridir, enaýyja örülen, alajaly çokullaryny seçelendirip, eneleriniň, uýalarydyr-doganlarynyň daşynda jagyl-da-jugul.
Gazma ojaklarda atarylan kyrkgulakly çoýun gazanlar lasyrdap gaýnaýar.
Gelinler çapady ýaýýar, semeni gaýnadýar, pişme bişirýär. Ýaňy tamdyrdan çykan mele-myssyk nandan doly saçaklary goltuklaryna gysyp, deňiz ýüzünden taýýan gämiler kibi ýaýkyldaşyp, oba tarapdan bäriligine gelýärler.
Ýaş eneler oýna başagaý çagalaryň üstünden goşawuçlap kişmiş-kişde, hoz, pisse seçýär. Özüniňkini-özgäňkini seljerip-saýgaryp durman, bezzatlardyr-alçajyklaryň gabat geleniniň eline ýaňy bişen pişmedir-çapadydan tutdurýarlar.
Beýleräk-de, oda süsdürilen mis tüňçeleriň daşynda, astlaryna atkeçe ýazynyp oturan başlary keçe sopbaçly, ýüň matadan gaba

donly, ak sakgally gojalar, tabgaç ülkelerinden getirilýän gury otdan gaýnadylan melhemi – çaý süzýärler. Dünýe döräli bäri dowam edip gelýän gadym-müdim gürrüňleri gozgaýarlar…

…Köne dünýäniň öňküsindenem könelendigi hakynda…

…Soňkularyň özleri deýin daglary opuryp, baglary goparyp, deňizleri aşyp, üňüzleri dönderip bilmeýändikleri hakynda…

…Geçmişiň Aprak Hatynyň asman ýüzündäki egri ýaýynyň reňňinde öwşün atyp, hol, alysda galan günleri hakynda…

…Beýik Üňüziň kenaryny – Uzboýy yzarlap, Baýderegiň saýasyna garşy rowana bolunmaly müddetiň ýakyn gelendigi hakynda…

Olara ýakynda, gyrçuw sakgally, samyr derisinden telpekli, eginleri kireýke sowutly, billeri zerbap bilbagly göreşiň hem geňeşiň ärleri – alplar, bilguşakdan sypdyrylan gylyçlarydyr ok-ýaýly sagdaklaryny gapdallaryna söýäp, döwre gurap otyrlar. Öz aralarynda uruş hakda, durmuş hakda, şan-şöhrat hem maly-mülk hakda, nesillerdir-geljek hakda, mertlikdir-beglik hakda mesaýy söhbet edýärler. Daşynda aşpezler çarp uryan gazanlardaky toý aşynyň bişmegine garaşyp, täze aýrandyr elin gymyzdan keýplerini kökleýärler.

Gutlug kowumynyň ilhany bilen onuň töweregine egele bolan galyň türkmen begleri bolsa, Täze ýylyň dünýä inýän ilkinji gününi – Ýaş güni baýram edýän mähnet şagalaň-şowhunyň merkezinde, ýörite dikilen, böwri açyk uly gerdekde, daş-töweregi göwnühoşluk bilen synlaýarlar.

Çar ýanda şatlyk-şagalaň, hemme ýerde kuwwatly hem agzybir kowumyň buýsançly şady-horramlygy…

Içini it ýyrtyp gelýän goja ýaýdarhan bolsa, ymgyr şagalaň-şowhuna üns bermeýär.

Bu mahal, öz ýasan ýaýynyň agtygy üçin iň jygba-jyg pursatda asgyn gelendigine utançdan ýaňa, onuň garry gursagyna gysymlap-gysymlap gor guýlandan enaýy däl.

Emma, şonda-da ol özüni hernäçe müýnli duýsa-da, buýsançly başyny belent tutmaga çalyşýar. Adyş agajyndan haşamlanyp ýasalan hasasyna daýanyp, ýaşyna mahsuslykda, äwmän-alňasaman gadam urup barýar…

*****

…Şol gelşine goja ýaýdarhan, hiç ýerde säginmän, obanyň ortaky syýrgynynda ýerleşýän alty ganat ak öýüne ýetdi. Öýüň işigi, her gün irden Gök Taňry kaganyň ogly Kuýaş hana salam bermek üçin gündogara bakýardy. Şol sebäpli-de goja içerik girmek

üçin öýüň daşyndan aýlanmaly bolmady. Ol işigi itdi-de, astanadan ätledi.
Öýde adam-gara ýokdy. “Toý diýseň çakyr süňk gozganar” diýleni. Hemmeler Ýaşyl güni garşylamaga gidipdi.
Goja işigi ýapmady. Bulutlaşyk ýaz asmanynda käte bir görnüp gidýän Günüň şöhlesi, açyk gapydan, öýüň tişi ganatyna, onuň tärimine gerlen ýüpden asylgy, içi geýim-gejimli, akyr-ukur gap-gaçly çuwallara, torbalara, ýorgan-düşek galdyrylgy sandyga düşýärdi.
“Gün ýaňy günorta bolupdyr-ow!” diýip, goja tukat oýlandy.
Garry turuň gaýym eýlenen galyň hamyndan tikilen adakgabyny apgyrdyna basyp çykardy. Burny seçekli çokaýlaryny aýagy bilen gyra itdi. Ilki bilen öýüň kişi ganatyna geçdi-de, üstki egin-başyny, telpegini çykaryp, öýüň tärimine berkidilen asgyçdan ildirdi. Ortadaky ojaga ýakynrakda, öýüň töre ornunda – töründe ýazylan, tilki derisinden düşege geçdi. Elýeterindäki güpjegi özüne çekdi-de, gyşardy.
Dynnym ýalyjagam keýpi ýokdy.
Şol sebäpli öýüň töre ganatynyň görnükli ýerinde asylgy duran, özüniň iň eý görýän ýaýy bilen okly sagdagyna iň bärkisi gözünem galdyrmandy. Ýogsa, öýüne girse-çyksa ony çagalarynyň içinde iň ezizleýäni mysaly, iň bolmanda mähirli nazary bilen sypap galýardy welin, hökman onda gözüni bir-ä ägindirýärdi.
Bu mahal ol, özüniň ussatlygynyň çür başy hasaplap, apalap ýören göz guwanjyna üns berer ýaly däldi. Ýaňky ýakymsyz waka bilen baglanyşykly gyjalatly oýlanmalar aňynda hyň berýärdi.
Megerem, adam üçin ömürboýy jany-teni bilen berlip, ömrüni bagyş eden hünärinde asgyn gelmekden erbet zat ýok bolsa gerek…
Uly bol, kiçi bol, ha tişi bol, ha kişi, tapawudy ýok. Her bir yns balasyna özüni, gizlin-u-açyk, beýlekilerden üýtgeşik duýmaga näme-de bolsa bir zatjyk zerur.
Biri gopuzy beýlekilerden has şirin çalyp bilýänligine buýsanmaly.
Beýlekisi, başga gopuzlardan has şirin çalyp bolýan gopuzy ýasap bilýänligine guwanmaly.
Biri özüni kowumdaşlaryndan kuwwatly hasaplamaly, beýlekisi

özüni kuwwatlylardan mekir duýmaly.
Birew çapyksuwarlykda hemmelerden ezber bolmaly, beýlekisi mergenlikde çapyksuwarlaryň ählisinden ussat bolmaly…
Garaz, her kes, özünde, öz-özüne pynhan-u-aýan buýsanmaga, guwanmaga bir ukybyň bardygyna ynanmaly. Çünki adam özüne buýsanmasa, özüni eý görmese, ol hiç haçanam agaýana ýaşap bilmeýär.
Heýem, özüňi ýigrenip ýa-da özüňe biparh garabam bir, dirilikden lezzet alyp ýaşap bolarmy?!
Hasam, kişi ogullarynda bu duýgy güýçli.
Guw şekilli Humaý enäň gyzlary, dünýä inip dil bitenden beýläk, örän hasapçyl bolýar. Olar edil enesiniň garnynda garrap dogulýan ýaly.
Kişi ogullary bolsa tersine. Är, ýaňy aýak bitende dili peltek balajyk bolsa, eňegine sakgal-murt çykandan soň ullakan çaga bolýar. Saçlary çalaranda-da gartaşan oglanjyklygyna galýar. Bili küýkerip, dişi dökülenden soňam, gojalan gögelä öwrülýär.
Şonuň üçinem ol, bütin ömrüne bäsleşip, kimdir birine basdaşlyk edip geçýär.
Ilki doganjyklarydyr-uýajyklary bilen kakasynyň ýasap beren oýnawaçlarynyň üstünde basdaşlyk edýär. Ata-enesiniň ünsüni aýratyn özüne çekjek bolup, doganlaryndan saýlanmaga dyzaýar.
Aýak bitip, örüsi giňänden soň deň-duşlary bilen basdaşlyk başlaýar.
Kim has güýçli…
Kim has çakgan…
Kim has dilli…
Kim has çydamly…
Kim has garagol…
Kim has edermen…
Kim hiç kimden gorkmaz…
Kim has uruşgan…
Kim hemme kişini basýar…
Kellä ýetginjeklik ýelgini uranda, birew-birewiň arasyndaky üznüksiz bäsdeşlige gyzlaryň gözünde özi ýalylardan saýlanmagyň heýjanly hyjuwam goşulýar.
Akyl-huş goýalyşandan soň hünärlilikde, atarman-çaparmanlykda,

maşgalany har-zar etmezlikde, il içindäki abraýlylykda üstünlik gazanmagyň ugrundaky dartgynly ýaryş başlaýar.
Ýaş ortadan agyp, öň şemal şapadaňlaýan kellelere pähim inip ugranda, çagalara berlen edep-terbiýäniň artykmaçlygynda, kethudalykda, parasatlylykda, tejribelilikde özara ýaşyryn-u-aç-açan deňeşdirmeler dowam edýär…
Şeýdibem, adam pahyr, birew-birew bilen bäsleşe-bäsleşe, deňleşe-deňleşe garrap gidýär…
Birhili, göwnüňe bolmasa, Ortak dünýäň tutuş durmuşynyň manysam şonda ýaly.
Goja ýaýdarhanyňam özüni hemmelerden rüstem duýýan ýekeje zady, çagalygyndan eý görüp gelýän hünärine ussatlygydy.
Elbetde, hatynam bar, çagalaram abraýly, agtyga ýüzi düşmegem nesip etdi. Bereketli saçagynyňam rysgaly kemelmeýär…
Ýöne onuň şahsy özi üçin welin, iň esasy zatlaryňam iň wajyby hünäridi.
Kimden, nämede pes gelse-de, şu kemal tapan kesbindä-hä, külli oguz kowmunda yns ogly öňüne düşmejekdigine çyny bilen ynanyp gelýärdi.
Bu ynamy-da badyhowalykdan däldi. Durmuşy tejribä esaslanýan, hakykat ýüzünde ýüzlerçe gezek synagdan üstünlikli geçmegiň netijesinde emele gelen, duýgydy.
Bu gün bolsa, agtygy onuň hut şol eý görýän, özüne çaksyz ynamly bolan hünäri sebäpli, bäsleşikde asgyn geldi…
Ine, şu ony gysyp-gowurýar.
Öz ejizligi zerarly ýa-da aty büdräpmi, ýa bir zada ünsi sowlupmy, garaz, başga bir sebäp bilen ýaryşda ýeňlen bolsady, onda goja ýaýdarhanyň piňine-de bolmazdy…
Emma, ýadyňa-oýuňa düşjek zat däl ahyry!
Diňe öz aýdarhan boýuna ýa-da Gutlug aýmagyna däl-de, eýsem, tutuş bozgurt buduna meşhur kowusdaryň agtygynyň iň jygba-jyg pursatda ýaýynyň kirşiniň üzülmegi…
Onda-da tutuş kowumyň mergenleriniň bäsleşiginde, uly iliň gözüniň alnynda şeýle wejeralygyň ýüze çykmagy…
Ýeri, öljekmi-ýitjekmi?!…
He-e-eý!!!
Toprak başyňa, zaňňar!

Sendenem bir ýaýdarhan bolarmy?!
A birdenkä, gandöküşikli garpyşykda, alplaryň biriniň ýaýy hatardan çykyp, ol seniň çaýşyk ellidigiň zerarly wepat bolaýsa nädersiň?! Hä?!
Goja ýaýdarhan howpurgady. Öz pikirinden özi elheder aldy.
Ýatan ýerinden başyny galdyrdy-da, ezýaka köýneginiň bagjykly ýakasyna elini ýetirip, üç mertebe ýakasyna tüýkürýäne çalymdaş hereket etdi.
Tüf-tüf-tüf! Agzymdan al kaksyn! Ýaşymyň soňunda beýle masgaraçylygy görkezmäweri, Bar Taňrym!
Kellesini gaýtadan güpjege goýan garry, ýene-de özüne gyjalat bermegini dowam etdi.
Ondan-a git-de, neçjarçylyga güýmenip, künde ýasa, ýabak-pil ýasa…
Her niçigem bolsa, gyşyk elleriň bilen söweş ýaragyny bina kylýandan bolup, iliň çagasyny ölümlik howp-hatara galdyryb-a ýörmersiň…
Goja öz etini iýip, entegem kän ýatjakdy, emma, işikden kellesini uzadan kempiriniň sesi onuň ünsüni böläýdi:
-Babasy, gaýdyberdiňmi?!
-Hümm…-diýip garry, başdaşynyň oslagsyz gelenine çala tisginen ýaly etse-de, ýatan ýerinden, iň bärkisi, bärisine-de bakman “hä” berdi.
Tas bäş dokuz ýyla golaý bir tünekden örüp ýörendikleri üçin, gojasynyň hüý-häsiýetine belet bolup giden kempir, bu mahal iň ýagşysynyň oňa azar bermezlikdigini kellesinde aýlandyr-da, soň, kelam agyz geplemän, tişi ganatyna geçdi-de, ýüň torbasyny aldy. Tärime degşir duran sandygyna ýaplandy-da, igini çykaryp, ýüplük işmäge oturdy.
Hyr-r-r! Hyr-r-r…
Hatynynyň pyrlaýan iginiň eşidiler-eşidilmez, birsydyrgyn, endigan “hyrryldysy” näme üçindir goja rahatlandyryjy täsir etdi.
Başyny galdyrdy-da, egnaşyr garap, kempirine çöňňelen gözlerini alartdy:
-Sen nä gaýtdyň? Gelinleň-agtyklaň bilen bolubererler-dä…
-Gelinleňňe-agtyklaňňa biz gerekgä bumat. Toý diýip hemmesiniň

huşy başyndan uçukly. Gaýdanyňy gördüm-de, “nahar-şor küýsäýmesin, birden” diýip yzyňdan mytdyldaberdim. Onsoňam bilýäň-ä, şowhuna kellämiň jaýrylyp gelýändigini. Garralýarmy nämemi…-diýip, iginden ünsüni sowman oturyşyna kempiri, parahat jogap gaýtardy.
Başdaşynyň jogaby gojany kanagatlandyrdy. Ol ýene-de:
-Hümm…-etdi-de, başyny güpjege goýdy.
Hyr-r-r! Hyr-r-r…
Igiň “hyrryldysy” gojanyň aňyndaky pikir akymyny üýtgetdi. Ol ilki ig, onuň pyrlanyşynyň dünýäni aýlap duran çarhy-pelegiň gerdişine kybapdaşdygy hakynda oýlandy. Soň şol igiň ýasalan agajyny özleriniň gaty köp ýerlerde ulanýandyklary hakynda pikir öwürdi.
Hakykatdanam, dagdan agajyny türkmenleriň ulanmaýan ýeri az-az.
Sallançak, kaşyk-bukaç, bala gawurşagy, ýaýyň özeni, goja hasasy, öýüň işigi, hatyn igi, oklaw, aşgapak…, garaz-haý, gündelik durmuşda ulanýan hemme zadymyzy diýen ýaly adyş agajyndan ýasaýarys…
Üstesine bu ýygajyň adamzady, öý-ojagy telbe küýlerden, garajürjenlerden we beýleki al-arwahlardan goraýjy kuwwaty hem bar…
Şol pille, igiň endigan “hyrryldysy” kesildi-de, gap-gaçlaryň “şakyrdysy” eşidilip başlady.
“Şamlyk taýýarlajak bolýar öýdýän” diýip goja, düňderilip ýatan ýerinden çaklady. Onuň ertirden bäri duz datmadyk garny, özüniňem bardygyny ýatlatmagyň pursady, magat geldi hasaplap, “eljuk” diýip jugurdady.
Goja dikeldi-de, daş çykdy. Yzyna dolananda, daş işige ýakyn duran jüründikli gumgandan akydyp, elini ýuwdy. Içerik girende, ojak başynda gazan-ukaja gümra bolup oturan kempirine gözi düşüp, näme üçindir, gojanyň içini hümletmesi awratlara, öýüň öwselesine, olaryň kişi ogullarynyň durmuşyndaky ornuna syrykdy.
…Müňýyllyklar bäri çar ýanyny ýagy gallaýan, üstüne hyňranan bilen garpyşyp ýören, möjek ogly türkmene, oturymly ýerinden zym uçan ýaly göterilibermek üçin kän wagt gerekmi?!

Mydama goşy arkasynda, çemçesi bilinde türkmen…
Ýarag-esbabyny dakyndy.
Garagoç atyna atlandy.
Üç-dört günlük azyk-suwlugy salnan horjuny bedewiň syrtyna bökderdi.
Boldy.
Gep tamam.
Hanha, eýýäm, serdarynyň yzyna düşüp, jahanyň ol ujuna gitmelem bolsa taýýardyr…
Hatynlar bolsa ärlerindenem çus…
Sürnüp gelýän duşman, aýmagyň alplary eýgerer derejede bolsa-ha, ne ýagşy.
Artykmaç gymyldy-hereketem edip durmazlar. Adaty günleri bilen, öý-içeriniň uşak-düşek aladajyklaryna gümra bolşup, güýmener ýörerler.
Ýagy, birbada hötdesinden gelerden çökdermi?!
Howsala habary ýetirilen dessine, eger-de puryja bolsa-ha, hemişe düwülgi goş-golamlar ýükçi ýabylardyr düýelere ýüklener. Alty ganat ak öýler sähel salymda söküler-de, olaram janawerleriň gerşinde, alys ýola ýarar ýaly ýerbe-ýer jaýlaşdyrylar.
Eger-de güýmeň-samaňa pursat ýok bolsa-da, ýakyn günlerde zerur bolaýjak has derwaýys zatlar salnan bir-iki horjun ýabynyň syrtyna bökderiler.
Eýeriň üstünde ornaşylar.
Çagalar öňe-arda alnar.
Çüw janawer!
Guşguna bereket!
Ol jelegaýlardan göteriliberer.
Gidilip barşyna-da: “ganyma nesip etmesin” diýip hüňürdeler-de, ojakdan tutaşdyrylan otly kesindi, gugaryp galan, içi ýyllarboýy mähir siňdirilipler ýygnalan öwseleden doly ak öýüň üstüne oklanyp goýberiler…
…Hanha, eýýäm, hatyn görgüli çagalaryny gujaklap, ýabysyny gorgunladyp depeden aşyp barýandyr…
…Yzynda-da onuň yhlasyna eýläpler guwanan mährem öýi, gyzyl ot bolup, burugsap ýanýandyr…

…Gynanmanmy?!
Onda-da ne gynanylar.
Azabyna garyp, güzabyny görüp, zähmetine ýugrup, gözüniň köküni gyryplar dokalan, tikilen, çitilen, söýülen-söýgülenen goş-golamlar ahyry…
Emma, ata-baba: “özüme bolandan malyma bolsun” diýe-diýe gelinýär.
Çagalarynyň, ýanýoldaşynyň, ilen-çalanynyň gara başy dik, özüniňem jany sag bolsa, hatyn görgüli, hemralary ýowuz ýagyny gaça uruş bilen yzyny tapmaz ýaly gyryp tükedenden soňra, ata mekanyna dolanyp geler.
“Doga kemyrsgal bolandan ýylda bir ýagy çapsyn” diýýär, gadym-müdim türkmen…
Howalanyp duran gupba kibi, akja öýi diker.
Öý-ojagyny öňküsindenem müň esse zyýat edip gurnar.
Görmäge göz tapylmaz, wasp etmäge söz ýetmez…
Hatynyň başy aman, jany sagat, nepesi düzüw bolsa, herne bela gelende-de, ol dep bolandan soňra, hatda ýalazy meýdanam mähriban ýurda öwrer. Ojagynyň rysgal-bereketini kem etmez.
…Ondan başga-da, ýene-de bir, has esasy tarapam bar…
…Alp-är ýaragy bilen garpyşyp, ýüreginde joş urýan gazapdyr-hyrujy bilen duşmana garşy at goýýar…
…Hatyn bolsa, allajy ýaga her bir hereketi bilen haýbatly habar gönderip, onuň gözüne görünmän söweşýär. Ýagynyň kalbyna ýöwsellik aralaşdyryp, ruhuny ejizletmäge dalaş edýär…
…Hamana: “Görýäňmi?! Saňa “nesip etmesin” diýip, öýümi otlamagy hem hiç zatça bilmedim! Şundan misil tut, saňa türkmen ülkesinde aňsat olja däl-de, diňe lowlap ýanýan ýalyn bilen ikuçsyz ajal garaşýar!” diýip, zülplerini gamçy kibi talawladyp, hemle urýan ýaly…
…Bu birinji tarapdan…
Ikinji tarapdanam bagryna basýan balalaryna sapak berýär.
…Hamana: “Görüň! Serediň! Synlaň! Hakydaňyzda saklap, berk belläň! Erkinlik üçin, mertebe üçin darkaş gurlanda, gaýgyrylýan zat ýokdur!” diýip nesihat berýän ýaly…
…Ýogsa adaty günde, ol-a tutuş öýünden geçmek ekeni, birje iňňesi ýitäýse, muşakgat turzup, töweregini tamugyň oduna

tutaşdyrlyk kylmaga taýýardyr welin…
…Törde ýazylan saçak başyna geçýänçä bu pikirleri kellesinde aýlamaga ýetişen goja, aýaly öňüne içi bugaryp duran tagamdan doly çaklaňja tabagy alyp berenden soň, öňden gelýän dessury berjaý etdi:
-Bizler bilen duz datmaga merhemet eýle, Taňry gelni, Kuýaş Kadyny, ojak bikesi, Ot enemiz Köz-bilge ýeňňe! Al, ine, noş bolsun!-diýip, bir kaşyk nahary ojakda pessaý ýanýan alawa oklady. Soň ýene-de okarasyndan bir çemçäni susup aldy-da:-Al, saňa-da noş bolsun, Deňri agtygy, Kün balasy, Alaw eýesi Oraz tegin!-diýip, onam oda serpdi.
Soňra işdämen naharlanyp ugrady. Özbaşyna nahar guýnan hatynam, ondan biraz daşrakda ornaşdy-da, kempi dodaklaryny müňkül-müňkül, gäwüşemäge başlady.
Seslerini çykarman owkat edindiler.
Bolanlaryndan soň goja, tämiz mytgaldan desmala elini süpürdi. Kempiri saçagy ýygnaýança sakgal-murtuny, saçyny barmaklary bilen daraklap, timarlady.
Ol ardynjyranda, ýene-de igidir-ýüňüne ýapyşan kempir, höwrüniň nämedir bir zatlar diýmekçi bolýandygyna düşünip, oňa garşy üşerildi.
-Ähem, ühüm…bi, ýaňky…-diýip goja, äwmän-alňasaman dil ýardy:-…agtygyň näme işledi?!
Kempir: “haýsysy” diýen bolup, osmakladyp durmady. Edip oturan işinden ünsüni sowman hüňürdedi:
-Näme işlär öýdýäň? Hanha, özi ýalakylar bilen şapadaňlaşyp, kimiň bir saçy uzyn akly gysga ziňk-ziňki özüne baka dişini yşyradaýarka diýip, şolaryň töwereginde ýalmanyp-ýuwdunyp, janserek bolup ýörendir-dä…
“Ýaşlyk-da! Şatlygyň-a dag kibi, gaýgyňam dary kibi görünýär-dä!” diýip goja ýaýdarhan, agtygynyň bigamlygy barada düşünmeklik bilen oýlansa-da, garry gursagynda öýkä çalymdaş duýgynyň ysgynsyzja gymyldap gidendigini aňşyrdy.
He-e-eý! Ýigitlik, ýigitlik…
Sen-ä, onuň şowsuzlygyna lapyň keç bolup, içiň-bagryň ala-tütün. Onuň bolsa, iň bärkisi piňine-de däl…
Hamana, hiç zat bolmadyk ýaly…

Äý hawa-da!
Dagam, ýaňy on dördünji ýazyny garşylaýan gögele üçin, düzedip bolmaz derejede nähili aýylgançlyk gopupmyş?!
Mergenleriň bäsleşiginde birinjiligi almadymy?!
Hymh!…
Ýaýynyň kirşi üzülip, ulus iliň gözüniň alnynda it masgarasy boldumy?!
Hymh!…
Goşganat tuwulga basdaşynyň paýyna düşdümi?!
Hymh!…
Munyň dagy nämejik?
Wiçjik dälmi?!
On dört ýaşly üçin hemme ajylyk “hymh” ahyry…
Bu ýyl bolmasa, indiki ýyl alar-da…
Entek öňünde aňyrsyna-bärisine göz ýetmeýän, tükeniksiz ömür seleňläp ýatyr ahyry…
Şol ymgyr ýaşaýyşyň her pursadam, nesip bolsa, aýmagyň bozoglarynyň altyngabagy ýaly çaklaňja ýaryşyň ýeňijisi bolmak bagtyndan müň esse zyýat üstünliklerden hem rowaçlyklardan püre-pür bolmaly…
“Ýaşlykda ähli kişi şeýle bolýar. Gözli kör, aňly akmak, sersag telbe…” diýip içini hümleden goja, gyşaryp ýatan ýerinden näme üçindir nägilelik bilen tersine döndi. Şol bada-da özüniň bu çaga hereketiniň üstünde özüni tutup, içinden ýylgyrdy.
Bizem şeýledik…
Aňymyzdan öň aýagymyz hereket ederdi.
Atam pahyr, her sapar käýindiremde: “Wah, şu mahal meniň hyryn-dykyn beýnimi seniň boş kelläňe salyp bolaýsady” diýipler jibrinerdi…
Mundan beýlägem, mundan buýankylaram şeýle bolar, elbetde…

*****

Gojanyň ýene-de endigan lapykeç akyma giren oýlanmalaryny kempiriniň sesi bozdy.
-Babasy, özüňem ýaýla çykyp, aýmagyň toý-tomaşasyna goşulmakçy

dälmi?! Tutuş ulus toý toýlaýarka, iliň ýaýdarhan atasy beýdip, ýeke özi garaçomak ýaly tüneginden çykman içini tutup ýatsa, jemagat näme diýip, näme aýdar?!
Dogabitdi ganygyzma garrynyň girre gahary geldi.
Hä-ä! Gör-ä bi, Gara Ýerligiň zeni Garçgaý kadyndan sapak alan köpbilmişiň guran bolýan oýnuny!
Geldi.
Göwne ýakmaz kelam agyz geplemän, naharlady, garnymy doýurdy.
Ugruma kowup, höreledi.
Indem ykjam köşetdim edip, pursatdan peýdalanyp, öz diýenini gögertjek bolup otyr-a bi!
Bäh, bulaň bilýänini gara ýylan sypatlyg Garçgaý hatynyň hut özem bilýän däldir!
Häk, seniň bir, diýmäýin diýsem, albassylardyr-görmezlerden sapak alan, keýligiň gyzy!
Goja ýaýdarhan, gaharly pikir öwürdi-de, düňderilip ýatan ýerinden, gaharynyň gelendigini mälim etmekden ötri, ýaňsyly hüňür-hüňür etdi:
-Sen-ä kempir, özüň-ä kethudalyk ýaşyna ýeteniňe, meniňem mazalyja garraberenime magat-laýyk göz ýetiripsiň öýdýän. Daşyň-içiň, oba-garaň saňa: “töreaýym, hatyn ene” diýip ýüzlenýäni ondan-mundan çala gulagyma degýärdi welin, şol diýilýäni çyn bolmaly. Sen-ä asyl, birmahallar, her bir hereketi aýmagyň aýal-gyzyna nusgalyk, adatlyk töreaýym çykyp giden ekeniň. Bizler dagy, öz günümiz bilen başagaý bolup ýörşümize, öýdäkimiziň eýýäm-haçan aždarlykdan ötüp, kyrk ýyl adam görmedik ewren kibi ýuwha çykanyny bilmänem galaýypdyrys! Bi, beýle pähim-parasadyň çogup duran dagy bolsa, ýarym asyra ýakyn wagt mundan owal, bi, bizler ýalaky pukara ýaýdarhanyň boýnundan asylman, Atakent ýyşynyň ulug begleriniň ýa-da Aýdarhan soýunyň erkinleriniň biriniň maşgalasy bolaýmaly ekeniň…
Höwrüniň häsiýetine belet, parasatly zenan sesini çykarmady.
Çünki, gepleseň munça-da boljak däl.
Gaýta, gyzyp duran çal kellesinde başga-başga zatlaram lasyrdap gaýnap, bujurygy artjak.
Aýalynyň aýdanynyň dogrudygyna düşünýändigi üçin, hasam içi

ýanýan gojanyň hatynyna ýene-de içi güjükli bir zatlar diýip, igesini sürtesi geldi. Emma…
Igidir-ýüňüne güýmenip, sesini çykarman, bir gysymjyk bolup oturan kempirine tarap, egnaşyr çala gözüniň gyýtagyny aýlady-da, dilini dişledi.
Dözmedi.
Bir sykymjyk göwresine…
Mürşük-mürşük, horja ýüzüne…
Igi endikli pyrlap duran, gury çöpe çalymdaş, inçejikden kiçijik ellerine…
Gyýyldy…
…Geçen iki ýigrimiden agdyk ýyllaryň içinde jahanyň ähli gowusyny-erbedini deň-dermanja paýlaşdylar…
Anyk ýadynda-ha galmandyr welin, çyndan ajyşan ýerlerem, bolsa bolandyr belki…
Ýöne bileje ýaşalan süýji günleriň-ä sany sajakdan geçen bolmaly…
On bir perzent dogrup berdi…
Özem nähili çagalar…
Ýedi sanyjak, togarlanyp ýören tosun taýçanaklar kimin tokarja oglanjyklar…
Dört sanam erigiň sary kişdesi kimin, Kümüş Aý sypat, enaýyja gyzjagazlar…
Hanha, şol geçen ýyllaryň içinde gollaryndan aldyran iki sanyjak taýçanagy bilen birje kişdejigininiň mazarjyklary bolsa, gör, nirelerde galdy!…
Bosgun bolnup, yzan-da-çuwan gaýdylan haýsy ýollaryň gyrasynda tozan basyp ýatyr, ojagazlaryň soňky mekany…
Wadaryga!…
Heýhat saňa, ýykylmyş-ýumrulmyş pelek!…
Dynmadyňam-doýmadyňam, almadyňam, öldürmediňem…
Wadaryga, akja taýym, tokarja güjügim!…
Wadaryga, saryja taýym, suruja guzym!…
Wadaryga, silik gyzym, bägül gunçam!…
Wadaryga!…
Goja ýaýdarhan bozuldy.
Synçy aýalyna syr bermezlik üçin, biygtyýar gözünden syrygan

gözýaşlarynam sylman, olary garry ýaňagynda öz-özünden kepedip, birsellem sesini çykarman ýatdy.
Uludan dem aldy.
Äý hawa-da!
Bi, türkmeniň çar ýany, maslygyň ysyna çozan aç syrtlan ordasyna kybapdaş, gyýaklaryny syrtardyp, hyňranyşyp duran ýagydan doly…
Ýir baýurkular, syr-tarduşlar, on oklar, tokuz ogurlar, tabgaçlar, kytaňlar, juan-juanlar, Demirgapy aňyrsynyň aýmaklary, tahyrylar, awaralar, hazarlar, kyrk gyzyň nesilleri, dalaş taýpalary, gaýmaklar, garlyklar, basmyllar…
Azatlygyňy, ýaýla-ýurduňy, bala-çagaňy goramak üçinem, olar bilen gaça uruş ede-ede, käte ýüzbe-ýüz, käte gurt oýnunda garpyşa-garpyşa, megerem, türkmen iliniň iki dogan kowmy – bozgurtlarda hem gutluglarda, hiç hili ýitgisiz, aman-esen sypan birje öýem galmadyk bolsa gerek…
He-e-eý, dünýe, dünýe!
Nätjek-dä, “il bilen gelen toýda baýram diýleni”…
Biziň ýitirenimizem uly iliň başyna düşen külpetiň bir ülüşi-dä…
Içini hümledip ýatyşyna goja, biraz köşeşenden soň, ýaňky hüňürdisine ökünip, nähilidir bir mähirli-mylaýym söz bilen höwrüniň göwnüni awlasy geldi.
Şol pille-de, edil hut şu pursat öňünde duran ýaly, aýalynyň elli ýyl mundan ozalky çaga keşbi hyýalynda dup-dury bolup janlandy…
…Ýedi-sekiz ýaşlaryndaky, alyn saçy altynsöw, her çekgesinde üç sanyjak syçanguýruk zülpli, ylganda çokulyndaky kümüş gotazjygyny täsin “şyňňyrdadyp”, biriniň ýeke çagasy bolandygy sebäpli haçan görseň oglan eşiginde, bir ýerde durman iki ýana çarp urýan, obaň bezzatlarynyň iň betinem elheder aldyrýan, çöpe jan bitdi horja göwresine gelişmeýän garadangaýtmaz gyzjagaz…
Ütmeleşip uruşmaly bolsa gözi açylýan garagol, degsineniň-ä garagynda ot ýakýar, degsinmedigem aýap goýmaýar…
Bu bolsa, goňşularynyň ýaşytdaş oglanjygy, haçan görseň ýaýdarhan atasynyň yzyndan galman şol näme işlese onuň her bir

hereketini sypdyrman synlap, özüne siňdirip, başardygyndan gaýtalap gezip ýör…
Ol ýaý bilen dem alýar, ýaý bilen ýaşaýar…
Ýaý onuň üçin hemme zat…
Sebäbi ol diňe ýaý ýasaýarka özüni Atakent dagynyň Mukaddes köwüniň topragyny Aýnalbaky çeşmesiniň dirilik suwuna eýläp, oňa-da Kümüş Aýyň nuruny garyp, şol laýdan ilkinji Adamy – Aý Atany ýasaýan Gök Taňry ýaly duýýar…
Elbetde, oguz-türkmen ilinde her bir kişi ogly esger…
Damarynda möjek ganynyň garnuwy aýlanýan bu milletiň dessury şeýle.
Her bir özüni är saýýan ynsan, islendik pursatda ýarag oýnap, öz ilini-ýurduny, töresini, kowum-hyşyny, öý-ojagyny, bala-çagasyny, öz mertebe-namysyny goramagy başarmaly.
Şonuň üçin ol hem, elinden ok-ýaýyny, gylyç-paltany, gönder-galkany düşürmeýär, taýyna baş öwredýär, mydam maýty golunda.
Emma, barybir onuň durky-düýrmegi diňe ok-ýaýda bolandygy üçin, alplyk sungatynda ol özlerini gyljyň ýoluna bagyş eden deňdeşlerinden asgyn gelýär.
Suwulgan deýin sypjykdan akgynly gyzjagazy bolsa deň-duşlarynyň arasynda ýeňip bilýän ýok.
Näme üçindir onuňam basyp bilmeýän ýagysy, haçan görseň täze ýaýyň şekilini aňynda çekmek bilen gümra bolup, oýa batyp ýören, şu pikirjeň oglanjyk.
Hakyýt, gözüne ilen ýerinde gün bermejek bolup ýör…
Iki-üç syýrgynlyk, çaklaňja obanyň içinde, onuň gözüne güýdüşmezlige çytraşyp, ondan gaçyp-bukulyp ýörmegem hyllalla…
Belki, şol bir gezek, täze düzme ýaýyň “iç-goşunda” ulanmak üçin ýonan agaç bölegini atasy öwende, keýpi joşup, özüniň henek edip düzen aýtgyjygy, bu zülpleri seçelenip duran harsaňňyr ýolubaldynyň ýagşyja içini ýakanlygy sebäpli şeýledir…
Çagalygynyň ýakymly ýatlamalaryna myssa ýylgyrýan goja, üstünden şunça ýyl geçse-de, henizem sözme-söz ýadynda saklaýan, şol dört-bäş oýnam goşgujygyny pessaý ses bilen daşyndan pyşyrdap başlady:

Ýeňsede çogdam çokul,
Çekgesinde zülpi bar.
Haý, Gerçek!
Bejit bukul!
Ýogsa bolar dünýe dar.

Çokulynda gotazy,
Jaňňyr-juňňur jaň kakýar.
Aýa baksa sag gözi,
Çepi şetdaly kakýar.

Oglanmy-gyz?!
Bilmersiň.
Oýnagy gylyç-palta.
Ýary bolaýsa merdiň,
Derdi bolar bäş halta.

Goraweri bizleri,
Beýle ýardan, Ýaradan!
Neşder kimin sözleri,
Çakgyç maýda büreden.

Jedir-jedir dili bar,
Öldürjek gepi-sözi.
Barça oglan dälirär,
Dymdyrmasaň bu gyzy.

Özä-hä bir sylaça,
Çöpden arryk göwresi.
Gözün çarhlap çalaja,
Gelýär äre barasy.

Äriniň dat gününe,
Boýna künde dakjak ol.
Iýseň ýokmaz iniňe,
Diriligňe ýakjak ol.

Höwrüniň sesi eşidilip ugrandan igini pyrlamasyny bes eden kempir, goşgujygyň sözlerini soňuna çenli diňledi-de,

ýylgyrdy.
-Babasy, entegem ýadyňdan çykarmansyň-ow!
-Äý ýok-la! Nädip ýadyňdan çykarjak? Men bu setirler üçin näçe taýak iýdim ahyry!-diýip bärisine öwrülen goja, höwrüniň göwnüni awlanyna öz ýanyndan monça boldy.
-Hawa-da, dagam näme, biriniň ýekeje gyzyna çaşy bolmasa-da çaşy diýseň, üstesine-de gül ýalyjak çagany är küýseginde tanapyna towsup duran edip görkezseň, dagam iýjegiň taýak bolar-da!-diýip, ýene-de igdir-ýüňüne gümra bolan kempir hüňürdän kişi boldy. Emma hakykat-da onuň jinnek ýalam kine etmeýändigi, gaýta gojasy bilen könäni dörüp ümmüldeşmekden lezzet alýandygy äheňinden bildirdi.
-Äý hawa-da, onsoň menem, şeýdip biriniň ýeke gyzyna at baryny dakyp, ile ryswa edenimden soň hakyky erkek kişi boljak bolup, näçe üýşensem-de, seni özüm hatyn edinip alaýmasam bolmajagyny bildim-dä-diýip şähdi açylan goja, ýene-de kempirine degdi.
Kempir, mürşüjek ýüzüni hasam birenaýy mürüşdirip, kinaýaly gülümsiredi:
-Hakykat-da kimiň kime nalaç öýlenendigini, kimiň kimi almasa bolmajagyna tutandygyny gaýynenem pahyr, bijaý gowy bilýärdi-le! Ol, kyrk bäş ýyl mundan ozal, Buga ýylynda, seniň ilkinji ile meşhur ýaýyňy Gutlugyň ilhany, abatarhan Gündiz beg-şadyň, Ärbeg şadyň “Il-Kölük-şad Buga-Yşbar han” diýen tagt adyny alyp, ak keçede ilimiziň kaganlygyna göterilmeginiň şanyna, oňa sowgat berendigi hakyndaky habaryň aýmagymyza ýaýran gününiň ertesi, gaýynenem pahyryň seni: “öýerjek” diýip uguňy ýekeläp başlany ýadyňa düşýärmi, babasy?! Näme, şol zatlar ýöne ýerdendir, öýdýärmiň?!
-Äý, şü, siz hatynlarda oýun köpdügini, dil birikdiräýseňiz dagy, atlyny agdaryp, düýelini düňderýändigiňizi öňem bilýärdim-le! Asyl, ejem pahyryňam başyny-gözüni aýlap, jylawuny eliňe alan ekeniň-dä!-diýip goja, oda süsdürilen mis tüňçe gaýnaýana kybapdaş, göwnühoş şyg-şyglady.
Keýpiçag bolup ýatyşyna-da, kempiriniň hakana serpaý edilen kemany baradaky sözleri, atasy ýardam etmezden, diňe täk özüniň elleri bilen ýasan ilkinji ýaýy hakynda, üsti çaň basyp giden ýatlamalaryny hakydasynda galkdyrdy…

Ussatlygynyň şol ýaýyny ýasamak derejesine ýetmegi üçin, gör, ol näçe kösenmeli bolupdy…
Ilk-ä, diňe bir göktürkmen iline däl-de, eýsem tutuş Eýrana-Turana, Tabgaç ülkelerine ady ýaýran ýaýdarhan atasynyň elinde ýedi ýaşyndan on bäş ýaşyna çenli tälim aldy…
Kebzesine, çignine, ýagyrnysyna urla-urla, agtygyna atabeglik etmeklige biçak talapkär hem zabun çemeleşen goja ussanyň elinde gör, nijeme taýaklar pytrady…
Onuň şol ýyllaryň içinde igenjeň garrydan eşiden neşder kibi ýiti sözleriniň dagy, hetdi bar-da, hasaby ýokdur…
Öwüt-nesihatlar, hünäriň inçe syrlary, igençler, teýeneli jümleler, çetini gyzdyrýan ajy gepler, setanda-seýranda, tomusda ýagan gar ýaly bolup, parasatly ýaşulynyň agzyndan käte bir tötänden çykaýýan öwgüli sözlere garylyp-gatylyp, onuň diňe bedenin-ä däl, eýsem ruhuna-da siňip, ornap giden bolmaly…
Şol ýaýyny ýasaýança-da, anyk sanyny hatda, özem bilmeýär welin, ol azyndan müň ýaý dagy ýasap-bozandyr…
Diňe şol ýaýyny ýasap dynanyndan soň, ol kemany eline alan badyna düşünipdi…
Ine, hakyky ýaý!
Indi ony bozmag-a beýle-de dursun, üýtgetmegem gerek däl.
Boldy.
Taýyn.
…Ýaýyň tozundan gysymlaýan eliniň astynda dörän nähilidir birhili düşnüksiz ýylylyk, derrew onuň aýasyna-da bildirip ugrady. Soňra ol ýylylyk, assa-ýuwaşdan ýokarylygyna süýşdi-süýşdi-de, kükregine aralaşdy.
Şol pille-de ol edil, gujagynda ýaňy dünýä inen bäbejigi huwwalap duran ýaly duýgynyň, ýüreginde oýanýandygyny ähli özi bilen syzdy.
Niredendir bir ýerdenem, gulagynda-da däl-de, gönüden-göni aňynyň içinde, ýaňy üç-dört ýaşan, hiç zatdan gorky-ürküni bilmeýän gaýduwsyz oglanjygyň dogumlyja sesjagazy bilen pert aýdylan “Bozgunçak!” diýen owazyň ýaňlanyp gidindigini eşitdi.
Içiňden geçip gelýän synçy nazary bilen onuň ýaýyny gysymlap, doňňara-daşa öwrülip durşuny synlaýan atasynyň şonda ýüzi

ýagtylyp gidipdi.
Ol, näme üçindir çygjaran gözlerini üstki gaba donunyň ýeňi bilen tagaşyksyz syldy-da:
-Bizleri Ýaradanyň edenine alkyş! Kesbimiň kemally dowamatyny görmegi nesip etdirdi, bizlere-de!-diýip, düşnüksiz hümürdedi. Soňam onuň garaçygyna dikilip, göýä, onuň aňynda ýaňlanan ýaňky sesi özem eşiden dek, sorady:-Näme ekeni, munuň ady?!
Öz başyndan geçýän zatlara haýran galyp duran ol bolsa, özem aňşyrman:
-Bozgunçak!-diýenini duýman galdy.
-Ýagşy at. “Degen ýerini bozujy, weýran ediji, harap ediji” diýmegi aňladýar. Seniň bu ýaýyň, bozogym, özüne gaty laýyk at saýlap aldy. Tüýs şunuň ýaly synasy sagat, düzgüni düzüw, asylly esbaba mynasyp at bolupdyr! Gutly ýaýyň gutly bolgaý, oglum! Kemanyň peýkamy pys ötmegeý, tary üzülmegeý, çyg çekmegeý, bereketli-penahly bolgaý, ussa ogul! Adyna mynasyp bolaram, nesip bolsa!-diýip goja ýaýdarhan, ýaňy dünýä inen täze ýaýyň adyny oňlap, ýagşy dilegini ýetirmäge howlukdy.
Soň ataly-agtyk iki bolup, ojaga çiş sokdular-da, ýaýyň donuny ýakyp, nagyşladylar. Ilki bilenem atasy, köz gyzyl gyzardylan demir çiş bilen kemanyň garnyna, edil tozuň ýanyna üç kelleli, guýrukly aýdarhan tagmasyny basdy. Onuň gapdalyndanam, ýaýy ýasan ussanyň adynyň möhürlenýän ýerinden, Düýp babamyz Oguz han döwründen bäri tutuş türkmen ilinde ulanylyp gelinýän gadymy harplar bilen at ýazdy. Ýöne, näme üçindir öz adyny däl-de, başga ady tagmalady.
“Düzgerçek” diýen at, onuň yzyndanam ok-ýaýy aňladýan nyşan goýulgy.
Bu bolsa “Düzgerçek ýaýdarhan” diýmegi aňladýar.
“Kimkä bu, ýaý ussasy Düzgerçek? Özem, atam näme üçin, hemişekisi ýaly kemany ýasan ussa hökmünde öz adyny möhürlemän, bu näbelli ussanyň adyny meniň ýasan ýaýyma nagyşlaýarka?” diýip, şonda ol juda agyr iňkise gidipdi. Hatda, atasynyň özüne geňeşmän eden bu hereketine öler ýaly gaty görjegem bolupdy.
Diňe, ertesi gün, atasynyň bu hereketiniň hakyky manysyna düşünipdi…

Ertesi irden bolsa, olaryň öýüne Gutlugyň ilhany, abatarhan Gündiz beg-şad bilen Bozgur baba geldiler. Gutlug taýpasynyň Aýdarhan urugynyň jemagatyny bir ýere jemläbem, külli oguz-türkmen iliniň Ulug Gam atasy, ozanlar begi Bozgur baba, onuň adynyň şu günden başlap Düzgerçek ýaýdarhan bolandygyny yglan etdi.
Gündiz beg-şad bolsa, Düzgerçek ýaýdarhanyň täze, ajaýyp ýaýy – Bozgunçagy, tutuş türkmen iliniň hakany, Bozgurt ýurdunyň hökümdary Ärbeg Il-Kölük-şad Buga-Yşbar hana serpaý etmegi makul bilendiklerini hemmelere habar berdi…
Bozgunçak şondan soň alty ýyllap türkmen kaganyna wepaly hyzmat etdi.
Ýekeje gezegem sowa geçen ýagdaýy ýa-da jygba-jyg pursatda asgynlan ýeri bolmady.
Şol synmaz wepadarlygyny üýtgetmänem onuň nowbahary Bozgunçak, öz kagany hem eýesi bilen bir gubur-depede aram tapdylar…
Goja ýaýdarhan göz açyp-ýumasy salymda aňynda aýlanyp ýetişen bu oýlanmalaryna uludan demini aldy.
“Äý hawa-da, ýagşy ýigidiň hakyky serdarynyň ýeke bolşy ýaly, ýagşy ýaýyňam hakyky eýesi bir bolýar-da” diýip içinden pikir öwrübem, düşeginde dikeldi.

*****

Dowamy bar…

Düşündirişler:

Ýaýdarhan – Göktürkmenlerde ýaý ussasynyň atlandyrylyşy.
Syýyn – sugun. Göktürkmenler ýaýyň kirşini maýyşgaklygyny we süýnmek ukybyny saklap galar ýaly ýörite usulda guradylan sugunyň damarlaryndan işipdirler.
Göktürkmenleriň ynanjyna görä, her bir zadyň öz hojasy – eýesi, hojaýyny bolupdyr. Mysal üçin, Keýmir (Keýmür) ata hem ýaýyň eýesi. Häzirki döwrüň düşünjesine görä alnanda nämedir bir zadyň hojasy şol zadyň “piri” diýen düşünje bilen deň gelýär.
Maşak ýa-da başak – peýkamyň agajynyň ujuna geýdirilýän

demirden, süňkden ýa-da daşdan ujy.
Guruç – polat.
Altyngabak – mergenleriň bäsleşigininiň atlandyrylyşy. Adamboýy beýiklikdäki sütüniň depesine gyzylymtyl-sary kädi berkidilipdir, bäsleşýänlerem bekewüliň yşaraty boýunça, adatça çapyp barýan atyň üstünden şol kädä garşy belli bir möçberde ok atypdyrlar. Kim çalt, dogry nyşana ursa şol hem ýeňiji diýlip ykrar edilipdir.
Bozog – gök oglan, ýaş oglan diýmegi aňladýar.
Il – döwlet, dünýä.
Aýmak – taýpa. Göktürkmenleriň jemagatynyň düzüm gurluşy şu böleklere bölünipdir: 1.Budun – halk; 2.Oguz (Ogur) – taýpalaryň birleşmesiniň jemi (millet); 3.Ok – taýpalaryň birleşigi (halkyýet); 4.Aýmak – taýpa; 5.Soý – urug, tire; 6.Könlük – maşgala.
Agöýlüler – Göktürkmenlerde – 9-10 ýaşyndaky gögeleler bir ýere jemlenip, tä 14-15 ýaşyna ýetýänçäler ýörite harby obada (galada) olar üçin dikilen ak öýlerde ýaşadylyp, taýpanyň iň ezber urşujylary – atabegler tarapyndan tälim berlip ýetişdirilipdir. Şolara-da “agöýlüler” diýlipdir. Agöýlüleriň 14-15 ýaşy dolandan soňra olar ýaragyň bäş görnüşi naýza, gylyç, serdesse, aýlpalta, ok-ýaý bilen bäsleşik görnüşindäki ýörite harby synagdan geçirilip, şonuň netijesinde-de bozog (gök oglan, gögele, ýetginjek) bolmakdan saýlanyp, ýigit çykan diýlip ykrar edilipdir.
Bekewül ata – ýaryşyň, bäsleşigiň emini bolan ýaşuly adam.
Goşganat tuwulga – mergenleriň bäsleşigininiň ýeňijisine gowşurylýan goşa ganatyň şekili berçinlenen demir tuwulga.
Al tun – “tun-mis”, göktürkmenlerde altyn “al (gyzyl) reňkli mis” diýlip atlandyrylypdyr.
Okuň (peýkamyň) gezi – okuň ýaýyň kirşine ildirilýän dilik ýeri.
Söýüşdikçi ok – duşmanyň howuny basmak üçin ýörite ýasalýan, atylanda “şuwwuldap” çirkin sygyrýan oklar. Olaryň ujuna toýundan ýasalan kinniwanja jürlewük geýdirilipdir. Şeýle oklar köp sanly atylanda olar duşman esgerleriniň ünsüni bölüp, olaryň ýüregine wehim aralaşdyrypdyr.

Sülsat – goşunyň uzak ýola gidilende gerek-ýarak şaý-esbaplaryny, azyk-owkatlaryny, atlarynyň iýmini, ätiýaçlyk goşlaryny daşaýan bölegi.
Aýdarhan – ýedi kelleli, agzyndan ot sowurýan aždarha, melgun. Gutlug aýmagynyň oňony aždarha bolupdyr, aýmagyň tagmasy hökmünde-de üç kelleli, guýrukly aždarhany aňladýan möhür basylypdyr.
Soý – urug, tire.
Göktürkmenler Gök Taňry (Gök Deňri) dinine müňlerçe ýyllaryň dowamynda, tä yslam dinine girýänçäler uýup gelipdirler. Gök Taňry dininiň esasy ynançlaryna görä, Ebedi Gök Asman ähli zadyň eýesi diýlip ykrar edilipdir. Ebedi Gök Asmanyň we ýokarky dünýäniň (uçmahyň) eýesi bolsa Gök Taňry diýlip uýlupdyr. Gök Taňrynyň aýaly Humaý (Umaý) – ýaş eneleriň, çagalaryň we öý ojagynyň hudaýy, guw şekilinde bolupdyr. Gök Taňrynyň we Humaýyň ogly Kuýaş han (Kün) – Günüň hudaýy. Taňrynyň we Humaýyň gyzy Kümüş Aý – Aýyň, gijäniň, söýgüniň, durmuşa çykmadyk gyzlaryň hudaýy. Olardan başga-da taňryçylyk dinine uýanlaryň ýene-de 13 sany hudaýy – Ýerlik, Ot ene, Ýyldyz ata, Bulut baba, Ýer ata (Toprak baba), Suw baba (Su hoja), Howa ene, Ýel ata (Ylgar hoja, Öwser baba), Tüweleý ata (Küýün baba), Gümmür mama (Tebil ene, Nagara kadyn), Ýyldyrym (Sagyka ata, Çakmak baba), Ýagmyr ata (Ýaganak ata, Burkut baba), Älemgoşar (Aprak kadyn, Çiçek ene) – jemi 17 sany hojasy bolupdyr. Şol sebäpli-de gadymy türkmenler 17-lik sany hem mukaddes hasaplapdyrlar.
Gam ata – gadymy oguz-türkmenlerde Gök Deňrä gulluk edýän porhanlara Gam ata (Atagam, ýagny, “Taňrynyň öňünde ulus-iliň gamyny iýýän, aladasyny edýän ata” diýen manyda) diýipdirler. Şol sebäpli-de porhanlar Gök Taňra mynajat edenlerinde olaryň hereketleri “gamlanmak” diýlip atlandyrylypdyr. Gadymy göktürkmenleriň Gam atalary porhan bolmak bilen birlikde, urugyň (taýpanyň, tutuş halkyň) tebibi, şahyry, ozany, palçysy, mugallymy, ýaşuly-kethudasy bolup hyzmat edipdirler.
Göktürkmenleriň ýyl hasabynyň bir müçesi, degişli jandarlar bilen aňladylýan 12 ýyldan ybarat bolupdyr. Müçe ýyl hasabynda ýyllar şu haýwanlar bilen aňladylypdyr. 1.Syçan; 2.Sygyr

(buga, öküz); 3.Bars; 4.Towşan; 5.Ewren (Aždarha, Uly ýylan); 6.Mar (Ýylan); 7.Ýylky (At); 8.Koý (Goýun); 9.Bijin (Maýmyn); 10.Takyk (Towuk); 11.Seg (It); 12.Doňuz. Ondan başga-da göktürkmenlerde, her ýylyň öz reňki bolup, ýyllar (haýwanlar) gök (ýaşyl), gyzyl, sary, ak, gara reňkler bilen aňladylypdyr.
Göktürkmenlerde Täze ýyl häzirki Nowruz gününde, ýagny Bahar paslynda, gije-gündiziň deňleşýän güni bolan 21-nji martda başlanyp, ol gün “Ýaş gün, Ýaşyl gün”, ýagny, “täze dünýä inen gün” diýlip atlandyrylypdyr.
Çokmar – gürzi ýa-da ujuna demir başlyk geýdirilen, zarba urmaklyga niýetlenen ýarag esbaby. Türkmenleriň bäş asylly ýaragynyň biri.
Darkaş hatyn – Gök Deňri kaganyň agtygy, Gün eýesi Kuýaş hanyň hem Ot enesi Köz-bilge kadynyň ogly, Urşuň, Söweşiň hudaýy Ilbars tegininiň aýaly.
Gönder – naýza.
Hakyky jöwher poladyň tygynda mawy reňkdäki tolkun atýan inçejik çyzyk bolýar.
Harpyk paltaça – zyňylýan kiçi palta.
Gola – pişme görnüşli, gyralary ýalaw ýaly ýiteldilen, gyýçak, dörtburç demir bölekleri. Zyňylýan ýarag hökmünde ulanylypdyr.
Balyk gama – zyňmak üçin balyk şekilinde ýasalýan ýiti pyçak.
Tabgaç – hytaý.
Üňüz – derýa.
Aprak Hatynyň egri ýaýy – älemgoşar.
Beýik Üňüz (Beýik Oguz) – Beýik Derýa, oguz-türkmenleriň gadymy ynanjyna görä, Älem üç bölekden Ýokarky dünýäden – Uçmahdan (Deňriniň, Ýagşylyk hojalarynyň, Ýagtylyk ruhlarynyň, ata-babalaryň ruhlarynyň ýaşaýan dünýäsi), Ortaky dünýäden – Ortakdan (dirileriň ýaşaýan dünýäsi), Aşaky dünýäden – Tamugdan, Astahydan (Gök Taňrynyň dogany Ýerlik lakamly Gara Aňry hanyň dolandyrýan dünýäsi, albassylaryň, görmezleriň ýaşaýan mekany, dowzah) ybarat bolup, gözbaşyny Uçmahdan alyp gaýdan Beýik Oguz derýasy Ortagyň üsti bilen Tamuga akypdyr. Ortagyň ähli derýalary Beýik Üňüzden gözbaş alypdyr.
Baýderek – Köki Tamugda, sütüni Ortakda, püri (şahalary) Uçmahda ösýän Baýderek atly mähnet derek agajy Beýik Oguz

deryasynyň kenarynda ýerleşipdir.
Oguz-türkmenleriň ynanjyna görä, Ortakda (Zeminde, aýatda) Gök Taňrynyň adatlaryna laýyklykda ýaşan hem-de wepat bolan adamyň ruhy (guty) Beýik Üňüziň kenary – Uzboýy (Oguzboýuny) yzarlap, Baýderegiň saýasynda ýerleşýän Uçmahda ýaşamak üçin ýola düşüpdir.
Oguz-türkmenlerde 33 ýaşy dolan, il içinde abraýly erkek kişi "göreşe hem geňeşe ýaran är – göreşiň hem geňeşiň äri" diýlip ykrar edilipdir.
Adyş agajy – dagdan agajy. Göktürkmenlerde mukaddes agaç hasaplanypdyr.
Göktürkmenleriň öýleriniň işigi diňe gündogara bakdyrylypdyr. Her gün irden işikden çykylanda-da türkmenlerde uly-kiçi "Amanmysyň-esenmisiň, Kün aga?!" diýip, täze dogan Güne salam bermek dessury bolupdyr.
Astana – bosaga, işik.
Göktürkmenler üçin olaryň ak öýleri sagat hökmünde-de hyzmat edipdir. Olaryň däbine görä, ak öýüň içinde goş-golamlaryň her haýsynyň özüniň goýulmaly ýeri, öýde ýaşamagyň berk tertibi bolup, ak öý üç bölege: kişi (erkek) we awrat (aýal) ganatlaryna hem-de töre (töre ornuna) bölünipdir. Öýüň demirgazyk tarapy aýallaryň ganaty, günorta tarapy erkekleriň ganaty, ojagyň başy, merkezi bölegi (öýüň töri) bolsa ata (maşgalabaşy, myhman, kethuda) orny diýlip hasaplanypdyr. Günüň şöhleleri tüýnügiň içerki aýlawyny ýagtyldanda, göktürkmenler: "Kün (Kuýaş, Gün) atyň jylawynyň uzynlygyna galdy (dogdy)" diýip, agyldaky mallaryny öri meýdana çykarypdyrlar. Günüň içerik düşýän şöhlesi assajadan süýşüp öýüň awrat (aýal) ganatyny ýagtyldanda, günorta çagy boldy diýlip hasaplanypdyr. Öýlän sagat 16:00-larda günüň şöhlesi öýüň awrat (aýal) ganatyny terk edipdir. Şonda maşgalanyň ýaş oglan-gyzlary meýdandan göleleri, owlak-guzulary, taýlary ýatagyna kowup getiripdirler. Günüň şöhleleri tüýnügiň daşky aýlawyndan çykandan soň bolsa göktürkmenler: "Kün atyň jylawynyň uzynlygyna aşak düşdi (ýaşdy, ýatmaga gitdi)" diýipdirler. Şonda aýallar sygyrlaryny sagmagyň wagty geldi diýip hasaplapdyrlar.

Adakgap – aýakgap.
Göktürkmenlerde “kaka” diýilmän “baba” diýlipdir. Bu ýüzlenme “kakasy” diýmegi aňladýar.
Kaşyk – çemçe, bukaç – çaklaňja gap, okara.
Gawurşak – oýnawaç.
Gumgan – suw gaby.
Öwsele – goş-golam.
Tegin – kaganyň, hanlaryň, begleriň ogullarynyň unwany (tituly). Hanzada, begzada.
Garçgaý kadyn – Ýerlik lakamly Gara Aňry hanyň (Tümlügiň we dowzahyň eýesiniň) aýaly, köplenç ganatly ýylan ýa-da şar-gara reňkli guş şekilinde bolupdyr.
Görmezler – Tamugda (dowzahda) ýaşaýan, betgelşik sypatly garaňkylygyň ruhlary, Ýerligiň hyzmatkärleri.
Keýlik – bir aýakly albassy, arwah.
Töreaýym, hatyn ene – oguz-türkmenlerde ýaşy bir çene baran, edim-gylymy taýpanyň (obanyň, tiräniň) zenanlary üçin görüm-göreldelik, nusgalyk bolan, zenanlara kethudalyk edýän eneler uly hormat bilen şeýle atlandyrylypdyr.
Ýyş – ýaýla, awlag, ýazlag ýaýlasy.
Erkin (irkin) – taýpanyň, tiräniň serdary, öňbaşçysy.
Wadaryga – ýasy, hasraty, matamy, agy-gözýaşy aňladýan, “dat-bidat” diýen jümle bilen manydaş söz.
Silik – owadan, gözel, enaýy.
Göktürkmenleriň ynanjyna görä, Gök Taňry ilkinji adamy – Aý atany Atakent dagynyň Mukaddes gowagynyň (Köwüniň) topragyny gudratly Aýnalbaky çeşmesiniň suwuna eýläp, oňa-da Aýyň nuruny goşup ýasapdyr.
Maýty – serdesse, ýarag hökmünde ulanylýan ýogyn taýak.
Abatarhan – serkerdebaşy. Aba – ýokary, uly, tarhan – erkin, özygtyýarly, özerkli beg diýen sözlerden emele gelipdir.
Ärbeg Il-Kölük-şad Buga-Yşbar han – Birinji göktürkmen döwletiniň miladynyň 581-587-nji ýyllarynda hökümdarlyk eden kagany. Hekaýada aýdylýan Buga (öküz, sygyr) ýyly 581-nji ýyl bolup durýar. Onuň ady häzirki zaman türkmen dilinde: “Mertligi bilen halka meşhur bolan, Taňrynyň nazar salan kuwwatly hökümdary” diýmegi aňladýar.

Ýaýyň tozy – ýaýyň sapy.
Gadymy türkmen ýaýy ýa-da çylşyrymly, düzme ýaý, birnäçe gatdan ýasalypdyr. Iň içki gaty dagdan ýa-da arça agajyndan, onuň daşyndan gaýyň agajynyň bölekleri, onuň daşyndan süňkden gat ýörite ýelim bilen ýelimlenipdir. Onuň daşyndanam ýörite usulda guradylan we ýelime batyrylan turuň (öküziň) ýa-da sugunyň damary (saçuzyny) mäkäm saralypdyr. Onuň daşyndanam gaýyň agajynyň daşky gabygy saralyp, iň soňunda-da wernik (öl geçirmeýän ýörite reňksiz suwuklyk, lak) çalnypdyr. Şol gabyga ýaýyň dony diýlipdir. Ýaýyň donuna wernik çalynmazdan öň, oňa gyzdyrylan demir çiş bilen oguz hatynda ýaýyň ady, ýaý ussasynyň ady, ýaýyň şowly hem rüstem bolmagy üçin ýagşy dileg-mynajat, ýaý ussasynyň (ýa-da onuň taýpasynyň oňonynyň) tagmasy basylypdyr. Şol ýazgylar ýaýyň özboluşly nagyş bezegi bolup hyzmat edipdir.
Ýaýyň garny – ýaýyň tozunyň aşak we ýokary ýanyndaky ýeri, başgaça “ýaýyň bagry” hem diýlipdir.
Düzgerçek – Hakykaty düzüji, dogrulygy ýasaýjy manysyndaky at. Düz – düzüji, ýasaýjy, gerçek – dogry, rast, hakykat diýen sözlerden emele gelýär.
Bozgur diýen at iki sany gadymy oguz-türkmen sözlerinden emele gelýär. “Boz” diýen söz gadymy göktürkmenler tarapyndan ulanylýan ýerine we ýagdaýyna baglylykda gök, çal, mele, küljümek reňki aňladypdyr. Şol bir wagtda-da bu söz gök reňki aňladanda, bu reňk göktürkmenlerde gadymylygyň, arassa ganlylygyň, asylzadalygyň aňlatmasy hökmünde çykyş edendigi sebäpli, ol hem asylzadalygy aňladýan söz hökmünde hyzmat edipdir. “Gur” sözi bolsa gadymy oguz-türkmen dilinde bir manysynda belent derejäni aňladan bolsa, beýleki bir tarapdan ol söz nämedir bir zady gurmagy, bina etmegi, gurnamagy aňladypdyr. Şeýlelikde bu eserde Bozgur babanyň ady bir manysynda göktürkmenleriň gadymdan gelýän ähli arassalygyny, asylzadalygyny gurujy, bina ediji, saklaýjy adamy aňladýar. Beýleki manysynda bolsa “gök” sözi bilen oguz-türkmenleriň asmany, Taňryny, uçmahy aňladandyklary sebäpli, Bozgur babanyň ady, Taňrynyň işine gatnaşýan, Gök Asmana düşünýän, ser salyp bilýän, uçmahdaky ata-babalar bilen gepleşýän adam diýmegi hem

aňladýar.
Göktürkmenlerde alp är, han, beg, kagan aradan çykanda, onuň ýany bilen onuň eý gören ýarag-esbaplaryny hem jaýlamak dessury bolupdyr.
Atyý – ýegen. Taryhy proza